#199 (221)
среда, 16 октября 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# PREZIDENT SERDAR BERDIMUHAMEDOW BILEN PREZIDENT KASYM-ŽOMART TOKAÝEWIŇ ARASYNDA GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI



***2024-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we ýurdumyza resmi sapar bilen gelen Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda gepleşikler geçirildi.***

Günüň ikinji ýarymynda dostlukly ýurduň Lideri motosikletçileriň hormat nyzamynyň ugratmagynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Oguz han» köşkler toplumyna tarap ugraýar. Toplumyň merkezi girelgesiniň öňünde Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi Prezident Serdar Berdimuhamedow mähirli garşylady.

Döwlet Baştutanlary köşgüň içine girip, Türkmenistanyň we Gazagystan Respublikasynyň resmi wekiliýetleriniň agzalary bilen tanyşýarlar.

Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, Prezident Serdar Berdimuhamedow Kasym-Žomart Tokaýewi «Rowaç» zalyna çagyrýar. Bu ýerde ýokary derejedäki ikiçäk gepleşikler geçirildi.

Döwlet Baştutanymyz gazagystanly kärdeşine Türkmenistana resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi, şeýle hem beýik türkmen şahyry, Gündogaryň akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan halkara foruma gatnaşýandygy, ikitaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşýan şahsy goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, bu duşuşyk biziň ýurtlarymyzyň ýokary derejeli ýolbaşçylarynyň şu ýylda eýýäm bäşinji duşuşygydyr. Şeýle duşuşyklaryň yzygiderli geçirilmegi Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ýokary derejededigine, ony mundan beýläkde berkitmäge we giňeltmäge iki tarapyň hem gyzyklanma bildirýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Gazagystan bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de berkitmegi pugta maksat edinýändigini, syýasy, ykdysady, ynsanperwer ulgamlarda bilelikdäki işleri dowam etdirmäge taýýardygyny nygtap, şu gün geçiriljek gepleşikleriň türkmen-gazak hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmakda uly mümkinçilikleri açjakdygyna ynam bildirdi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Aşgabada gelmäge çakylygy hem-de mähirli garşylandygy üçin hoşallyk bildirip, Gazagystan üçin Türkmenistanyň örän ýakyn ýurtdugyny we strategik hyzmatdaşdygyny nygtady. Gazagystanyň Lideri ýokary derejede geçirilýän yzygiderli duşuşyklaryň möhümdigini belledi. Bu duşuşyklar köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat edýär.

Döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmakda hem-de ösdürmekde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň şahsy hyzmatlary aýratyn bellenildi.

Gepleşikleriň dowamynda Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Prezident Kasym-Žomart Tokaýew ozal gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek we geljegi uly meýilnamalar bilen baglylykda, türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň giň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Taraplar sebit we ählumumy gün tertibiniň özara gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleriň birnäçesi boýunça-da pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler «Soltan Sanjar» zalynda iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi we Gazagystan Respublikasynyň wekiliýetiniň agzalaryny mähirli mübärekläp, dostlukly ýurduň Lideriniň şu resmi saparynyň ýurtlarymyzyň arasynda hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny hem-de ysnyşykly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge, gatnaşyklaryň täze, geljegi uly ugurlaryna çykmaga hyzmat etjekdigini belledi.

Şu ýyl görnükli şahsyýetleriň – türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň Gazagystanyň paýtagty Astanada, gazak şahyry, filosofy hem-de magaryfçysy Abaý Kunanbaýewiň Aşgabatda ýadygärlikleriniň açylmagy türkmen we gazak halklarynyň dost-doganlygynyň aýdyň nyşany boldy.

Söwda-ykdysady gatnaşyklar barada aýdyp, döwlet Baştutanymyz dürli pudaklarda hyzmatdaşlygyň ýetilen derejesine, Hökümet hem-de dolandyryş edaralary boýunça toplanan tejribä ýokary baha berdi.

Ulag-logistika hem hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarydyr. Biz Gündogar – Günbatar hem-de Demirgazyk – Günorta ugurlary boýunça üstaşyr ulag geçelgelerini emele getirmekde Türkmenistan bilen Gazagystanyň giň mümkinçilikleriniň bardygyndan ugur alýarys. Merkezi Aziýanyň çäklerinden esasy ýüklymüsti geçirijileri çekmegiň zerurdygy baradaky başlangyç bilen doly ylalaşýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Biziň ýurtlarymyzyň işjeň hyzmatdaşlyk edip biljek beýleki ugurlarynyň arasynda agrosenagat toplumyny, himiýa senagatyny, maşyn gurluşygyny, dokma önümçiligini we birnäçe beýleki pudaklary görkezip bileris diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Yzygiderli ösdürilýän we giňeldilýän medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk Gazagystan bilen gatnaşyklarymyzyň örän möhüm ugry bolup durýar. Soňky ýyllarda bu gatnaşyklar has-da işjeňleşip, dürli bilelikdäki çäreler geçirilýär.

Prezident Serdar Berdimuhamedow netijeli iş alyp barandygy, strategik hyzmatdaşlyk meselelerine gyzyklanma bildirip, olary jikme-jik ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe we Gazagystanyň wekiliýetiniň ähli agzalaryna minnetdarlyk bildirdi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentine söz berilýär.

Gazagystanyň Baştutany sözüni dowam edip, şu gün ikiçäk gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylandygyny, geljek üçin onuň esasy ugurlarynyň kesgitlenendigini nygtady. Prezidentleriň tabşyrygy boýunça iki döwletiň Hökümetleri hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek meseleleriniň üstünde işleýärler.

Söwda-ykdysady gatnaşyklar barada aýdylanda, bu babatda soňky ýyllarda uly ösüş gazanyldy diýip, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew aýtdy. Özara haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak üçin oňat mümkinçilikler bar. Senagat, ulag, logistika we beýleki ulgamlarda birnäçe taslamalar durmuşa geçirilýär. Energetika ulgamynda, hususan-da, gaz pudagynda gatnaşyklar okgunly ösdürilýär. Hökümetara toparyň çäklerinde yzygiderli geçirilýän duşuşyklar hem-de işewürler geňeşiniň netijeli işi muňa ýardam edýär. Hökümetara toparyň nobatdaky mejlisi geçen hepdede geçirildi.

Şunuň bilen birlikde, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk yzygiderli berkidilýär. Şunuň bilen baglylykda, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew hormatly Prezidentimize gazak halkynyň medeni mirasyny goldaýandygy, şeýle hem özüne Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalynyň gowşurylandygy üçin hoşallyk bildirdi.

Gazagystan Respublikasynyň Baştutany üstaşyr ulag ulgamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň strategik häsiýetini nygtady. Bu babatda ýük daşamalaryň möçberini artdyrmak üçin ägirt uly mümkinçilikler bar.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň belleýşi ýaly, Prezident Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan dünýä bileleşiginde eýeleýän ornuny ep-esli güýçlendirdi we halkara abraýyny pugtalandyrdy.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, «Seljuk han» zalynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, iki döwletiň Baştutanlary «Magtymguly» zalyna bardylar we şol ýerde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

# В АШХАБАДЕ ПРОШЕЛ МЕЖДУНАРОДНЫЙ ФОРУМ «ВЗАИМОСВЯЗЬ ВРЕМЁН И ЦИВИЛИЗАЦИЙ – ОСНОВА МИРА И РАЗВИТИЯ»

***11 октября 2024 года в Ашхабаде под председательством Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова состоялся Международный форум «Взаимосвязь времён и цивилизаций – основа мира и развития».***

В мероприятии приняли участие Президент Республики Армения Ваагн Хачатурян, Президент Исламской Республики Иран Масуд Пезешкиан, Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев, Президент Кыргызской Республики Садыр Жапаров, Президент Монголии Ухнаагийн Хурэлсух, Президент Исламской Республики Пакистан Асиф Али Зардари, Президент Российской Федерации Владимир Путин, Президент Республики Таджикистан Эмомали Рахмон и Президент Республики Узбекистан Шавкат Мирзиёев, Председатель Великого Национального Собрания Турецкой Республики Нуман Куртулуш.

В форуме также участвовали руководители международных и региональных организаций, представители правительств зарубежных стран, дипломаты, учёные, деятели культуры и искусства, а также многочисленные СМИ.

Форум прошел в рамках грандиозной программы чествования 300-летнего юбилея великого туркменского поэта и философа Махтумкули Фраги, в которую вошло множество торжественных мероприятий, организованных как в Туркменистане, так и за рубежом.

После совместного фотографирования главы Туркменистана с высокими гостями в конференц-зале состоялся международный форум «Взаимосвязь времён и цивилизаций – основа мира и развития».

Президент Туркменистана от своего имени и от имени народа Туркменистана выразил признательность гостям за принятое приглашение участвовать в международном форуме.

После выступления главы Туркменистана, на форуме поочередно выступили главы государств и руководители делегаций.

В выступлениях было подчеркнуто, что творчество Махтумкули Фраги навсегда вошло в сокровищницу общечеловеческой цивилизации, отмечен уникальный вклад поэта в развитие туркменского языка и литературы. Участники форума отметили актуальность его созыва, а также особую значимость призыва Махтумкули Фраги к единству и сплочённости, к миру и согласию.

В ходе форума Сердар Бердымухамедов сообщил о решении наградить глав государств участвующих в форуме юбилейной медалью «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» (К 300-летию Махтумкули Фраги) и сердечно поздравил их с наградой.

Как подчеркнул глава Туркменистана, имя и произведения Махтумкули объединяют народы и государства, и это наглядно продемонстрировал состоявшийся форум. Президент страны выразил твёрдую уверенность в том, что данный форум откроет новую страницу в развитии конструктивных отношений.

Президент Сердар Бердымухамедов поблагодарил всех присутствующих за участие в Международном форуме «Взаимосвязь времён и цивилизаций – основа мира и развития».

По итогам пленарного заседания форума был принят Итоговый документ.

* * *

Во второй половине дня Международный форум «Взаимосвязь времён и цивилизаций – основа мира и развития», продолжился в формате двух тематических секций с участием руководителей и представителей авторитетных международных организаций и региональных структур.

Так, в Международный университете гуманитарных наук и развития прошло заседание на тему «Роль творчества Махтумкули Фраги в общечеловеческой цивилизации», а в Институте международных отношений МИД Туркменистана – «Философия Махтумкули Фраги и дипломатия нейтрального Туркменистана».

Работа секций была нацелена на содействие дальнейшей популяризации богатого литературного наследия великого туркменского классика и мыслителя, углубление и расширение соответствующих научных исследований, привлечение внимания международной научно-литературной общественности к его поэтическому и философскому творчеству.

Выступавшие подчёркивали величие гения Махтумкули Фраги, воп-лотившего многовековую мудрость туркменского народа, красоту его поэтического языка, своим творчеством проповедовавшего ценности, близкие каждому жителю планеты.

Как отмечалось, глубокие суждения в его замечательных стихотворениях о будущем, любовь к Родине, гуманизм, миролюбие, призыв к созиданию, дружбе и братству отвечают духовным потребностям не только туркменского народа, но и всего человечества.

Именно эти принципы легли в основу содержания нейтралитета Туркменистана и продолжают быть источником мудрости, преемственности и актуальности дипломатической линии Туркменистана.

Гости выразили признательность Президенту Сердару Бердымухамедову, успешно продолжающему начинания Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова, благодаря которым наследие туркменского поэта всё шире популяризируется в мире.

На заседаниях были подведены итоги Международного форума «Взаимосвязь времён и цивилизаций – основа мира и развития». По мнению участников, он послужит углублению международных научных и культурных контактов.

Большие впечатления оставила у зарубежных гостей культурная программа, в которую вошли экскурсии в город Аркадаг, Государственный историко-культурный заповедник «Ниса» и столичные музеи, а также кинопоказы, театральные постановки, цирковые представления и другие мероприятия.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTI BILEN DUŞUŞYGY HAKYNDA

2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza iş sapary bilen gelen Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian bilen duşuşdy.

Türkmenistanyň Prezident çakylygy kabul edip, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geçirilýän halkara foruma gatnaşýandygy üçin goňşy ýurduň döwlet Baştutanyna minnetdarlyk bildirdi hem-de ony Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti wezipesine saýlanylmagy bilen ýene-de bir gezek mähirli gutlap, ýokary döwlet wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Eýranyň Prezidenti bildirilen myhmansöýerlik we gutlaglar üçin hoşallygyny beýan edip, EYR-nyň Beýik ruhy lideri Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýiniň mähirli salamyny ýetirdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasatynda Eýran Yslam Respublikasy bilen hyzmatdaşlyga aýratyn orun degişlidir. Ýurdumyz öz oňyn Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan ugur alyp, Eýran bilen dürli ugurlarda netijeli gatnaşyklary alyp barýar.

Açyklyk ýagdaýynda geçen duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklara degişli meseleler, özara gyzyklanma bildirilýän halkara we sebit meseleleri boýunça pikir alşyldy.

Syýasy-diplomatik hyzmatdaşlygyň çäklerinde parlamentara gatnaşyklara möhüm orun degişlidir. Bu ugurda iki ýurduň parlamentara dostluk topary hereket edýär. Şunuň bilen baglylykda, parlamentara gatnaşyklary işjeňleşdirmekde uly orun eýeleýän bu toparyň mejlislerini yzygiderli geçirmegiň maksadalaýyk boljakdygy bellenildi.

Halkara hyzmatdaşlyk barada aýdylanda, ýurtlarymyz sebit we halkara guramalaryň çäklerinde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Bu düzümlerde birek-biregiň başlangyçlaryna goldaw bermek asylly däbe öwrüldi.

Medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyga-da aýratyn ähmiýet berilýär. Şunda ylym, bilim, saglygy goraýyş, bedenterbiýe we sport ulgamlaryndaky gatnaşyklary aýratyn nygtamak bolar.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgelerine esaslanýan döwletara hyzmatdaşlygyň iki ýurduň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.



# TÜRKMENISTANYŇ WE ERMENISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTLERINIŇ DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

**2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza iş sapary bilen gelen Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan bilen duşuşdy.**

Türkmenistanyň Prezidenti öz ermeni kärdeşine çakylygy kabul edip, Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň ýubileýi mynasybetli geçirilýän halkara foruma gatnaşýandygy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Ermenistanyň Prezidenti halkara forumyň ýokary guramaçylyk derejesini belläp, şeýle möhüm çäräniň iki ýurduň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmakdaky möhüm ähmiýetini nygtady.

Söwda-ykdysady, ulag-kommunikasiýa, oba hojalygy, syýahatçylyk ulgamlary hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Bilelikdäki hökümetara toparyň işi döwletara gatnaşyklary işjeňleşdirmekde ähmiýetli orun eýeleýär. Onuň işi gazanylan ylalaşyklaryň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegine, netijeli hyzmatdaşlygyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna we ösdürilmegine gönükdirilendir.

Söhbetdeşlikde yzygiderli ösdürilýän türkmen-ermeni gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Bellenilişi ýaly, ýurtlarymyz ikitaraplaýyn, şeýle-de köptaraplaýyn görnüşde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler, abraýly halkara guramalaryň çäklerinde birek-biregi goldaýarlar.

Duşuşykda Prezident Waagn Haçaturýan Prezident Serdar Berdimuhamedowa Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň ermeni diline terjime edilen neşirini sowgat berdi.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgelerine esaslanýan döwletara hyzmatdaşlygyň iki ýurduň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI PAKISTAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTI BILEN DUŞUŞDY



2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardari bilen duşuşdy.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistana sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi hem-de Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy — parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara foruma işjeň gatnaşandygy üçin Pakistanyň Prezidentine minnetdarlyk bildirip, myhmanyň şu gezekki saparynyň ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygy täze derejelere çykarmakda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Pakistanyň Prezidenti halkara forumyň guramaçylyk derejesine ýokary baha berip, şeýle çäreleriň medeni-ynsanperwer ulgamdaky döwletara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda wajyp ähmiýetini nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna eýe bolan wagtyndan bäri Pakistanyň biziň ynamdar hyzmatdaşymyz bolmak bilen, ýurdumyzyň hoşniýetlilik ýörelgesine hemişe goldaw berip gelýändigini, sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmäge işjeň ýardam berýändigini belledi.

Nygtalyşy ýaly, ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlyk ýyllaryň synagyndan geçen dostluk we doganlyk däplerine, özara bähbitli, deňhukukly hyzmatdaşlygyň umumy kadalarynyň berk binýadyna esaslanýar. Türkmenistan bilen Pakistany diňe bir geografik ýakynlyk däl-de, eýsem, çuňňur taryhy kökler, medeniýetleriň we ruhy gymmatlyklaryň umumylygy baglanyşdyrýar.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti türkmen-pakistan hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine goşýan şahsy goşandy üçin Asif Ali Zardarä minnetdarlyk bildirdi.

«Biz Pakistan bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge hemişe ygrarlydyrys. Asyrlardan gözbaş alýan dost-doganlyk däpleri we özara bähbitli hem-de deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgeleri bu gatnaşyklaryň esasyny düzýär» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan transmilli gaz geçirijisi, Türkmenistan-Owganystan-Pakistan ugry boýunça elektrik geçiriji we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlary ýaly iri möçberli taslamalaryň bilelikde durmuşa geçirilmegi ikitaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygyň aýdyň mysalydyr.

Söhbetdeşleriň umumy pikirine görä, açyklyga, özara ynanyşmaga, dostluga esaslanýan iň ýokary döwlet derejesindäki dialog türkmen-pakistan gatnaşyklarynyň ösdürilmeginiň esasy şertidir. Iki döwletiň Baştutanlarynyň yzygiderli gatnaşyklary, dostlugy iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen iri taslamalary, uzak möhlete niýetlenen başlangyçlary ilerletmäge güýçli itergi berýär.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow we Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardari birek-birege berk jan saglyk, bagtyýarlyk, iki ýurduň dostlukly halkyna bolsa rowaçlyk we abadançylyk arzuw etdiler.

# MONUMENT TO ABAI KUNANBAYULY UNVEILED IN ASHGABAT ON OCTOBER 10, 2024, PRESIDENT OF THE REPUBLIC OF KAZAKHSTAN KASSYM-JOMART TOKAYEV ARRIVED IN TURKMENISTAN ON AN OFFICIAL VISIT

At the capital's International Airport, where the national flags of the two countries were raised on flagpoles and the Guard of Honor was lined up, the distinguished guest was warmly and cordially greeted by the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Hero-Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov.

Here, in the air harbor, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov and President Kassym-Jomart Tokayev held a bilateral meeting, which was preceded by a joint photo ceremony against the backdrop of the national flags of Turkmenistan and the Republic of Kazakhstan.

Warmly welcoming the distinguished guest to the Turkmen land and thanking him for accepting the invitation to pay an official visit to our country, Hero-Arkadag emphasized that Turkmen-Kazakh relations are strategic in nature and are developing dynamically across their entire spectrum.

Having expressed sincere gratitude to Hero-Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov for the warm welcome, President Kassym-Jomart Tokayev emphasized that Kazakhstan sees Turkmenistan as a good friend and close neighbor.

President Kassym-Jomart Tokayev also noted the significant personal contribution of the National Leader of the Turkmen people to strengthening the interstate dialogue, emphasizing that Hero-Arkadag has great authority in the Republic of Kazakhstan.

During the meeting, which was held in a trusting, constructive atmosphere, the high level of Turkmen-Kazakh relations built on the principles of good neighborliness, mutual respect and support was noted with satisfaction.

Then, the official welcoming ceremony of the head of the Republic of Kazakhstan took place on the square in front of the terminal for receiving distinguished guests.

After the ceremony, the joint motorcade of the National Leader of the Turkmen people, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan and the President of the Republic of Kazakhstan proceeded to the venue of the celebration on the occasion of the opening




of the monument to the great Kazakh poet and thinker Abai Kunanbayev.

The event was attended by delegations of Turkmenistan and the Republic of Kazakhstan, cultural figures. Colorful performances by artists of the two countries gave the holiday a unique flavor.

Addressing the participants of the ceremony, Hero-Arkadag said that this year the 300th anniversary of the outstanding master of words, famous philosopher and thinker of the East Makhtumkuli Fragi is widely celebrated at the international level, various events are organized in Turkmenistan and abroad. Today, in a beautiful park located in a picturesque corner of Ashgabat, we are holding the opening ceremony of the monument to Abai Kunanbayev, the great poet of the fraternal Kazakh people, an outstanding figure of culture and art, the Chairman of the Halk Maslahaty continued and congratulated all the participants of the celebration on this wonderful event.

Hero Arkadag reported that for his services in popularizing the literary heritage of the outstanding Eastern thinker Makhtumkuli Fragi in the world, as well as in developing friendly and fraternal relations between the two countries, President Serdar Berdimuhamedov decided to award the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev with the jubilee medal "Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna".

Taking advantage of the opportunity, the National Leader of the Turkmen people sincerely congratulated the head of the neighboring state on this award and presented it with great respect. Then the floor was given to the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev.

Having expressed gratitude to the Hero-Arkadag and the entire Turkmen people for awarding the jubilee medal "Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna", the head of the friendly state noted that he accepts this award as a sign of mutual understanding and friendship between the two peoples.

Today, said President Kassym-Jomart Tokayev, is a special day in the spiritual life of the two countries. The installation of a monument to Abai Kunanbayev, the great poet and thinker of the Kazakh people, in Ashgabat is a vivid manifestation of the special respect of the Turkmen brothers for the Kazakh people. In this regard, the distinguished guest addressed words of sincere gratitude to the Hero-Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov and President Serdar Berdimuhamedov for supporting this good undertaking.

The culmination moment is approaching: the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev open the monument to Abai Kunanbayev.

The National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan and the President of the Republic of Kazakhstan laid bouquets of flowers at the foot of the monument and paid tribute to the great master of words.

Then the members of the delegations of the two countries laid flowers at the monument.

After the ceremony, Hero-Arkadag and the head of the friendly state said goodbye to the participants of the celebration and left the scene of the event.

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGYNYŇ WE TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ BEÝIK MILLET MEJLISINIŇ BAŞLYGYNYŇ ARASYNDA DUŞUŞYK GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistana sapar bilen gelen Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Numan Kurtulmuş bilen duşuşdy.

Türkiýäniň parlamentiniň Ýolbaşçysy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallygyny beýan etdi hem-de Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň Prezident Serdar Berdimuhamedowa hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyna iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýine bagyşlanan halkara foruma gatnaşýandygy üçin Türkiýäniň parlamentiniň ýolbaşçysyna minnetdarlyk bildirdi we doganlyk ýurduň Prezi-



dentine iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň dowamynda Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli türk alymlary we magtymgulyşynaslary tarapyndan şahyryň goşgularyny türk diline terjime etmek, ony giňden ýaýmak boýunça alnyp barylýan işleriň möhüm ähmiýeti nygtaldy.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň uzak möhletleýin, strategik häsiýete eýedigini nygtadylar. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda ýokary derejeli gatnaşyklar alnyp barylýar.

Türkmen-türk döwletara hyzmatdaşlygynda parlamentara gatnaşyklara hem möhüm orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy türkmen tarapynyň parlament diplomatiýasy ugrundaky hyzmatdaşlygyň has işjeň alnyp barylmagyna taýýardygyny tassyklady.

Ýurtlarymyz ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda abraýly halkara guramalaryň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Türkmenistanyň halkara guramalarda, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynda öňe sürýän başlangyçlaryny Türkiýe Respublikasynyň yzygiderli goldamagy munuň aýdyň mysalydyr.

Şeýle hem duşuşygyň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň beýleki ileri tutulýan ugurlary boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Numan Kurtulmuş birek-birege berk jan saglyk, alyp barýan işlerinde üstünlikleri, iki ýurduň halklaryna bolsa parahatçylyk, abadançylyk arzuw etdiler.